# Bir «tankytça» açyk hat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Bir "tankytça" açyk hat Berdinazar HUDAÝNAZAROW

▶ BIR «TANKYTÇA» AÇYK HAT

Seniñ ýagdaýyña nebsim agyrýar,
Gözgyny halyña gynanýan juda.
Il seni tananok, senem özüñi,
Şonda-da sen boljak bolýañ kethuda.

Çar tarapdan öwsüp dursuñ şemal dek,
Ne-hä öz pikiriñ bar, ne-de öz sözüñ.
Şonda-da sen öwüt berjek bolýarsyñ:
— «Ýok, beýle ýazmañ-da, eýleräk ýazyñ…»

Alma nahalyna diýýärsiñ «ýylgyn»,
Pöwhe torañña-da diýýärsiñ «güjüm»,
Daýzañy görende «daýy» diýmeseñ
Aý, şoña-da şükür
Bolýa-da, jijim… Goşgular